# Ýangyn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýangyn ÝANGYN

Omaryň halyflyk eden döwründe
Ýangyn tutaşypdyr illeň birinde.

Ony hiç söndürip bolmaýarmyşyn,
Ot bar zady gowrup-ýalmaýarmyşyn.

Ýangyn haýbat berip gyzyl diline,
Gabsapdyr bar zady oda-ýalyna.

Haýygypdyr onuň badyny gören,
Daragtlaram, guşlaň höwürtgelerem

Ýalyn üçin şatlyk-keýp bolupdyr,
Oň deminden gara köýük bolupdyr.

Degmändir suwuňam hiç hili haýry,
Hökümdar bolmandyr ýangyndan gaýry.

Hiç zatdan jinnek deý görmän zowaly,
Dabyrapdyr Allaň gazaby ýaly.

Adamlar Omaryň ýanyna baryp,
Kömek isläpdirler boýnuny burup.

Hökümdara şeýle diýipdir olar:
«Bu ýangyny nädip dep etse bolar?»

Omar aýdan: «Üns beriň, bir zada,
Herki zadyň sebäbi bar dünýäde.

Daşdan gözlemäliň muň günäkärin,
Size köpden bäri syn edip ýörün.

Garyp-gasarlary gözden saldyňyz,

Şeýdibem, şu bela duçar bolduňyz…»

«Ýok, beýle däl.
ýarap olañ derdine,
Baýlygymyzdan ýoksullara berdig-ä!»

«Paýlanam bolsañyz suw bilen nany,
Kemsidip berdiñiz garyp ynsany.

Her kim pes tutmasa niýetin, pälin,
Allañ gazabyna duşjagy mälim!» Goşgular